Maddy we ruhy gymmatlyklaryň iňňän uly medeniýetleşdiriň roly bardyr. Adamlar gymmatlyklary özleşdirmek arkaly özleriniň mazmunlaýyn güýçlerini ösdürýärler. Başga bir söz bilen aýdylanda adam dürli maglumatlary alyp, öz bilimlerini artdyrýar, ukyplaryny kämilleşdirýär, dünýähalklarynyň önümçilik tejribesini alýar. Şeýlelik bilen, bolsa ruhy jähtden ösýär. Ençeme medeniýeti öwreniji alymlaryň dogry belläpgeçişleri ýaly medeni gymmatlyklar adamlar arasynda mazmunlaýyn güýjiň alyş-çalyş serişdesidir. Nesilleri biri-biri bilen baglanyşdyryjy, duşuryjy, araçy hökmünde çykyş edýändir. Emma bu duşuşyk geçen zamanlarynyň nesilleriniň ol ýa-da beýleki wekili bilen ýüzbe-ýüz, janly duşuşyk ýa-da söhbetdeşlik däldir. Bizi, häzirki zaman nesillerini olar ýagny geçen zaman adamlary bilen duşurýan, tanyşdyrýan zat.-bu olaryň bize goýup giden medeni gymmatlyklarydyr, medeni miraslarydyr. Diýmek, häzirki nesiller tarapyndan geçen nesilleriň goýup giden medeniýetiniň işjeň peýdalanmagy häzirki zaman medeniýetiniň kemala gelmegine, adamyň ruhynyň kämilleşmegine ýardam edýän özeni eken. Ine araçynyň medeni mazmuny hem şundan ybaratdyr.

Indi “adam mazmunlaýyn güýji” diýen düşünjäniň nämäni aňladýan-dygyna garap geçeliň. Ýadyňyzda bolsa ozalam bu barada ýüz ugruna agzap geçipdik. Adamlaryň döredijilikli işidir-zähmeti üçin zerur bolan bilimler, ukypdyr başarjaňlyklar, garaýyşlar, pikirler, sosial tejribeler toplumyna mazmunlaýyn güýçdiýilýär. Bu güýçöz beýanyny adamlaryň alyp barýan işidir zähmetinde tapýar. Adam özüniň edýän iş-zähmetiniň netijesinde gurşap alýan dünýäni özgerdip, öz öndüren önümlerinde özüni, öz mazmunlaýyn güýjüni şekillendirýär, oňaryp bejeren gymmatlyklarynda şahslaýyn güýjüni zatlaşdyrýar.

**Gunça IŞANGULYÝEWA**

**S.A. Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk**

**uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены